THE ASHGABAT TIMES

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ylmy jemgyýetçiligine hem-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahata gatnaşyjylara

**Hormatly alymlar, ylmy jemgyýetçiligiň wekilleri!**

**Gadyrly myhmanlar!**

Sizi Ylymlar güni, şeýle hem bu baýram mynasybetli geçirilýän “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahatyň öz işine başlamagy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Ylymlar gününe bagyşlanan baý mazmunly çäreleriň alymlaryň tagallalaryny ylmyň möhüm we geljegi uly ugurlaryna gönükdirmekde, özara tejribe alyşmakda, hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda ähmiýetiniň uly boljakdygyna ynanýaryn.

Beýik işler, depginli ösüşler ylmyň we bilimiň güýji, oýlap tapyşlaryň, ýokary tehnologiýalaryň üstünlikleri bilen amala aşyrylýar. Ylym adamzadyň röwşen geljeginiň ýoludyr. Döwrümiziň ylmy-tehniki gazananlary, bilim hem-de innowasiýalar ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak ýoly bilen ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmegiň, ähli ugurlar boýunça öňegidişlikleri gazanmagyň, dünýäniň syýasy, ykdysady, ylmy-medeni giňişliginde Bitarap Watanymyzyň ornuny pugtalandyrmagyň girewi bolup hyzmat edýär. Şu nukdaýnazardan, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli bähbitli we umumadamzat ähmiýetli strategik wezipelerimizi, maksatnamalarymyzy, iri taslamalarymyzy durmuşa geçirmekde düýpli ylmy esaslara daýanýarys, bu ugurda ylym ulgamyny dünýä ölçeglerine laýyklykda ösdürýäris we kämilleşdirýäris.

Ýurdumyzyň akademiki ylmy-barlag institutlarynda, ýokary okuw mekdeplerinde, ylmy-önümçilik, ylmy-tehniki merkezlerinde, taslama edaralarynda alymlarymyzyň düýpli ylmy-nazary we ylmy-amaly barlaglary alyp barmaklary, bäsdeşlige ukyply, ekologik taýdan howpsuz, ykdysady taýdan netijeli ýokary tehnologiýalary döretmekleri hem-de innowasiýalary işläp taýýarlamaklary üçin giň mümkinçilikleri döredýäris. Zehinli ýaş alymlary taýýarlamak, olaryň ylmy işleriniň netijeleriniň goraglylygyny, ykrar edilmegini gazanmak ugrunda yzygiderli işleri alyp barýarys. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna», ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna hem-de beýleki strategiýalardyr konsepsiýalara laýyklykda, geljegi uly önümçilikler babatda bilimiň, ylmyň, önümçiligiň we täjirçiligiň özara baglanyşygyny üpjün edýäris. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezine halkara ylmy-tehnologiýa parkynyň hukuk derejesiniň berilmegi munuň aýdyň güwäsidir.

**Hormatly alymlar,**
**ylmy jemgyýetçiligiň wekilleri!**

Все права защищены

Alymlarymyzyň gazanýan üstünlikleri ykdysady we ylmy-medeni taýdan ösýän ýurt hökmünde Bitarap döwletimiziň dünýädäki abraýyny has-da pugtalandyrýar. Nanotehnologiýalar, himiýa tehnologiýalary, energetika, biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa, genetika, maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary, lukmançylyk we derman senagaty tehnologiýalary, innowasion ykdysadyýet, ynsanperwer ylymlar babatda ileri tutulýan ugurlar boýunça ösüşlerimiz üçin berk binýat döredilýär. Ykdysadyýetimiziň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga, importyň ornuny tutmaga gönükdirilen ylmy barlaglar, innowasion tehnologiýalar geljegi uly önümçilikleriň ýola goýulmagyna hem-de täze senagat toplumlarynyň döredilmegine ýardam berýär. Bu ugurda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda ylmy işläp taýýarlamalara, häzirki zaman innowasiýalaryna, hususan-da, smart — «akylly» tehnologiýalara esaslanýan önümçilik toplumlarynyň bina edilýändigi aýratyn buýsançly ýagdaýdyr.

**Eziz watandaşlar!**

**Gadyrly myhmanlar!**

Türkmenistan halkara guramalar we daşary ýurtlaryň ylmy merkezleri bilen ylym, tehnika, innowasion tehnologiýalar boýunça hyzmatdaşlygy yzygiderli giňeltmäge hem-de bilelikdäki tagallalary utgaşdyrmaga hemişe taýýardyr. Iň täze ylmy usullaryň we innowasiýalaryň esasynda gaýtadan işleýän tehnologiýalary, nanotehnologiýalary, biotehnologiýalary, hemra-aragatnaşyk, maglumat tehnologiýalaryny özleşdirmek we ýokary derejeli ylmy işgärleri taýýarlamak boýunça hyzmatdaşlygyň has-da işjeňleşdirilmeginiň netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara ylmy giňişlikdäki abraýy barha ýokarlanýar. Munuň özi alymlarymyzyň ylmy-inženerçilik pikirlerini, öňdebaryjy gazananlaryny döwletimiziň we halkymyzyň, dünýä halklarynyň bähbidine, bütin adamzadyň abadançylygyna gönükdirýändigimize aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyzda ylmy ösdürmäge uly üns berýändigimizi görkezýär.

**Hormatly alymlar, ylmy jemgyýetçiligiň wekilleri!**

**Gadyrly myhmanlar!**

Sizi ýurdumyzda giňden bellenilýän Ylymlar güni, şeýle hem «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahatyň öz işine başlamagy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň ähliňize berk jan saglyk, abadan we bagtyýar durmuş, dünýäniň umumy ösüşine, bütin adamzadyň bähbitlerine gönükdirilen ylmy-döredijilik işleriňizde täze üstünlikleri arzuw

Все права защищены

edýärin.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

**Serdar Berdimuhamedow.**

Все права защищены